# Dynçlygy wasp edýän

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Dynçlygy wasp edýän DYNÇLYGY WASP EDÝÄN

Uruş – iň aýylganç baýguşyň biri,
Öldürmeli ony, sypmasyn diri.
Şum habarlaň buşlukçysy bolmasyn,
Garalmasyn dünýämiziň ertiri.

Körpe çagalary eder ol harap,
Ynsan gany oňa şerapdyr-şerap.
Halky gedaý goýup, talaňa salyp,
Geçýändir meýitleň üstünden ýöräp.

Nirde bolsa uruş diýen nägehan,
Onda halkyň ýüregine öýer gan.
Ýok ederis jeňparazlaň baryny,
Şolar ölse, galar iller sag-aman.

Azat zähmet, dynçlyk çaglar nirede?
Gözel mekan, gülli baglar nirede?
Adamkärçiligiň beýik zamany,
Söýgi mähri, şamçyraglar nirede?

Hany ýüreklerden gaýgy-gussany
Kowýan durmuş, deňlik, dostluk dessany
Ak kepderi gör nähili mähriban!
Şypalydyr parahatlyk bossany.

Biz baýguşyň nejis başyn ýolarys,
Kellesini pylçap ýere çalarys.
Nem alyp baharyň gözelliginden,
Dynç günleriň aýdymçysy bolarys.

Malik-Aş ŞUAR BIHAR,
Eýran şahyry.

Rusçadan terjime eden Mämmet SEÝIDOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1958 ý. Goşgular